## SÖZBAŞY

Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we durmuş geňeşiniň «Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň 2020-nji ýyldaky ýazuwynyň Bütindünýä maksatnamasy» barada 2015-nji ýylda kabul eden kararnamasynda dünýä ýurtlarynyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň nobatdaky ýazuwlaryny 2015–2024-nji ýyllar aralygynda geçirmäge çagyrylýandygy göz öňünde tutulyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda çykaran 410 belgili kararyna laýyklykda, 2022-nji ýylyň 17–27-nji dekabry aralygynda Berkarar döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin ygtybarly binýady döretmek maksady bilen, «Ilat ýazuwy – 2022: Jebislik, Bagtyýarlyk, Röwşen geljek!» şygar bilen Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçirildi.

Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň (mundan beýläk – ilat ýazuwy) baş maksady – ilatyň demografik düzümi hem-de ýurdumyzyň raýatlarynyň durmuş ykdysady ýagdaýy barada anyk maglumatlary almakdan ybarat.

2015-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan makullanan Ýewropa statistikleriniň Konferensiýasynyň 2020-nji ýylda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwlaryny geçirmek boýunça maslahatlaryna laýyklykda ilat ýazuwy üçin 6 sany ýazuw kagyzlary taýýarlanyldy we halkara bilermenleriň ýokary bahasyna mynasyp boldy. Ilat ýazuwynda şu ýazuw kagyzlary ulanyldy:

– 1-nji Ýazuw kagyzy «Ýaşalýan jaýlar üçin binanyň kartoçkasy» – binanyň görnüşi, gurlan döwri, ýaşaýyş jaýynyň diwarlarynyň materialy, üçegi barada maglumat;

– 2-nji Ýazuw kagyzy «Ýaşaýyş jaýynyň häsiýetnamasy we ýaşamagyň arassaçylyk-gigiýena şertleri» – ýaşaýyş jaýa eýeçiligiň görnüşi, ýaşaýyş jaýyň görnüşi, umumy we ýaşaýyş meýdany, jemagat hojalygynyň hyzmatlary we internet üpjünçiligi barada maglumat;

– 3-nji Ýazuw kagyzy «Ilat ýazuwyna degişli bolan adamlaryň sanawy» – adaty ýaşaýyş jaýda ýaşaýan adamlaryň sany, olaryň öý hojalygynyň baştutanyna bolan garyndaşlyklary barada maglumat;

– 3-ýörite Ýazuw kagyzy «Ilat ýazuwyna degişli bolan ýöriteleşdirilen edaralardaky adamlaryň sanawy» – ilat ýazuwynyň geçirilýän döwründe ýöriteleşdirilen edaralarda wagtlaýyn bolýan adamlaryň sany barada maglumat;

– 4-nji Ýazuw kagyzy (her bir adama doldurylýar) – adamlaryň ýaşy, milleti, jynsy, doglan ýeri, dili, raýatlygy, maşgala ýagdaýy, bilim derejesi, iş bilen meşgullygy, girdejileriniň çeşmeleri barada maglumat;

– 5-nji Ýazuw kagyzy (ýöriteleşdirilen edaradaky her bir adama doldurylýar) – ilat ýazuwynyň geçirilýän döwründe ýöriteleşdirilen edaralarda wagtlaýyn bolýan adamlaryň ýaşy, milleti, jynsy, doglan ýeri, dili, raýatlygy, maşgala ýagdaýy, bilim derejesi, iş bilen meşgullygy, girdejileriniň çeşmeleri barada maglumat.

Ilat ýazuwyna taýýarlyk görmegiň we geçirmegiň zerur usulyýet gollanmalary taýýarlanyldy hem-de Türkmenistanyň ilat baradaky maglumatlaryň döwlet klassifikatory we Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatory kämilleşdirildi.

Bu uly döwlet çäresiniň öňkülerden täzeligi Türkmenistanyň Prezidentiniň sanly ulgamy ösdürmek syýasatynyň durmuşa geçirilmeginiň hem-de milli statistika ulgamyna döredip beren ägirt uly mümkinçilikleriniň netijesinde ilat ýazuwy tutuşlygyna sanly usulda geçirildi. Ilat ýazuwynyň gidişinde türkmen öndürijileri tarapyndan öndürilen planşet kompýuterlerinden we olar üçin taýýarlanylan programma üpjünçiliginden peýdalanyldy. Bu uly döwlet çäresiniň ähli tapgyrlarynda türkmen öndürijileri tarapyndan öndürilen sanly tehnologiýalaryň ulanylmagyna Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat gaznasynyň ýokary derejeli halkara bilermenleri tarapyndan ýokary baha berildi.

Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwlaryny geçirmek boýunça halkara maslahatlara laýyklykda, ähli maglumatlar ilatdan soraşma arkaly alnan jogaplaryň esasynda emele gelýär. Ähli maglumatlar ilat ýazuwynyň başlanýan senesi ýagdaýyna hasaplanylýar.

Ilat ýazuwynyň netijeleri esasy görkezijiler boýunça ýüzlerçe tablisalarda jemlenip, kitap görnüşinde neşir etmek üçin taýýarlanyldy.

2022-nji ýylda geçirilen Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň netijeleri boýunça Türkmenistanyň ilatynyň sany we onuň çäkler boýunça ýerleşişi, onuň ýaş we jyns hem-de milletler boýunça düzümi barada, şeýle-de onuň migrasiýa hereketi we raýatlygy barada giňişleýin maglumatlar berilýär.

Şeýle hem kitapda Türkmenistanyň 15 we ondan uly ýaşdaky aýallaryň sanynyň çäkleri, ýaşy, şol sanda halkara standartlaryna laýyklykda çaga dogurmaga ukyply ýaşdaky topara (15–49 ýaş aralygynda) bölmek bilen, bilim derejesi barada, şeýle-de 15 we ondan uly ýaşdaky çaga dogran aýallaryň hem-de olaryň dogran çagalarynyň, şol sanda çagalarynyň sany barada maglumatlar jemlendi.

Kitapda Türkmenistanyň 10 we ondan uly ýaşdaky ilatynyň bilim derejesi, 6 we ondan uly ýaşly okaýanlaryň gatnaýan bilim edaralarynyň kysymy boýunça bölünişiginde, şeýle-de 0–5 ýaşly çagalaryň mekdebe çenli edaralara gatnaşygy barada maglumatlar getirilýär.

Şeýle-de Türkmenistanyň öý hojalyklarynyň sany we olaryň adam sany, çagalaryň sany, öý hojalyklarynyň çäkler boýunça paýlanyşy we düzümi barada, baştutanlarynyň jyns we ýaş toparlary, şeýle-de öý hojalyklarynyň ýaşaýyş serişdeleriniň esasy çeşmeleri, olaryň ýaşaýyş jaýlarynyň ýaşaýyş şertler bilen üpjünçiligi we internetiň elýeterligi barada maglumatlar berilýär.

Türkmenistanyň zähmete ukyply ýaşdaky ykdysady taýdan işjeň ilatynyň iş bilen meşgullygy baradaky maglumatlar olaryň ýaş toparlary, gender alamaty, esasy iş ýeri, iş bilen meşgullygyň görnüşleri boýunça bölünişikde berilýär.

Türkmenistanyň ilatynyň ýaşaýan ähli kysymdaky ýaşaýyş jaýlarynyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän maglumatlar berilýär. Ilatyň ýaşaýan ýaşaýyş binalarynyň gurlan döwri, ýaşaýyş jaýlaryň sany we meýdany barada maglumat berilýär.

Bu ilat ýazuwynda ilkinji gezek ýöremekde, görmekde, eşitmekde we ýatda saklamakda kynçylyk çekýän 5 we ondan uly ýaşdaky adamlar barada alnan maglumatlar Ilat ýazuwynyň netijeleri boýunça kitabyň düzümine girdi.

Bu  kitapda ilat ýazuwynyň netijeleri «Ilatyň sany we ýerleşişi», «Ilatyň jyns-ýaş düzümi we nika ýagdaýy», «Bilim», «Ilatyň milleti we bilýän dilleri boýunça düzümi», «Çaga doglușy», «Migrasiýa we raýatlyk», «Ýaşaýyş serişdeleriniň çeşmeleri», «Öý hojalyklarynyň sany we

düzümi», «Ilatyň iş bilen meşgullygy», «Ýaşaýyş jaý gory» we «Ilatyň ýaşaýyş şertleri» mowzuklar boýunça bölümlere bölünip berilýär. Maglumatlar jemi 401 sany tablisalarda we diagrammalarda jemlendi.

2022-nji ýylda geçirilen Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň netijeleri ýurdumyzda dürli ugurlarda ýetilen sepgitleri beýan etmek bilen, geljek ýyllarda ýurdumyzy we onuň sebitlerini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny we strategiýalaryny taýýarlamakda uly maglumat binýady bolup hyzmat eder.

Şertli belgiler: – hadysa ýok;
0,0 ujypsyz ululyk.